# Täze harabalar / Agy

Category: Goşgular,Kitapcy,Romanlar,Sözler,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täze harabalar / Agy **6. Agy**

Magtym ýalaňaç gözüni açanda gabaklarynda agyrlyk duýmady. Gün ýagtysy penjireden otagyň ortasyna düşýär. Düýş görenini bilýär, näme göreni teý ýadyna düşenok. Gije köçedäki töňňäniň üstünde oturany hakydasyna geldi, düýş bolmagy-da ähtimal. Geçip giden maşynyň sesini eşidende, onuň düýş däldigi paýhasyna ýetdi, bolan ahwalaty göz öňüne getirdi. Kellesini ýassykdan gorka galdyrdy, agyrlyk duýdy, ýöne agyry Ýok. Oýanman ýatypdyr, gowulygyň alamaty.
Stoluň üstünde ertirligini goýup, üstüni basyryp gidipdirler. Oýadyp, ýagdaýyny sorap durmaly diýendirler, atalarynyň saglygyna ynamlary bar. Wagtal-wagtal gije aýakÝoluna çykandan soň ukusy tutanok, şol halat kitaba güýmenýär, gözleri süzülip başlaýança okaýar. Şeýle bolanda şu günkisi ýaly giç turýar, bu-da günde-günaşa bolup duran zat däl.
El-ýüzüni ýuwandan soň termosa demlengi ýandakdan bir käse içdi. Bu onuň endigi. Ýandagy otuz ýyl bäri ara kesmän içýär. Häzir, hamaly, zerurlyk duýan ýaly muny özüne ýatlatdy. Her ýyl çagalary ýandagyň gülüni, pürüni yhlas bilen ýygnaýarlar. Çäýnege çaý atan ýaly termosa atyp demleýär, bäş-alty sagatdan demini alyp, hindi çaýynyň reňki ýaly öwüşgin atýar, şony çaý deregine içýär. Iç goşuňa, saçyňa, dişiňe mundan gowy derman Ýok, içiňi gatadanok, iýeniň siňýär, içagyry, içgeçme golaýyňa gelenok. SSSR döwründe ýazda-tomusda goşundakylara ýandak gaýnadyp, suwuny içirerdiler. Ýerli halk içenok. Ýaşulylara aýdyp, dili syryldy, içmeli öz-ä diýýärler, iş şondan aňry gidenok, bu ýerde geleňsizlikden beterem ýaltalyk bar. Iýenleri siňmese, içleri durmasa, zäher ýaly ajy leomesin içenlerini amatly görýärler. Bilime, pikir etmäge ýaltalygy, nähili-de bolsa, bir delil bilen düşündirse bolýar, ýöne saglyk babatda geleňsizligi sülä getirip bolmaýar, tentekler diýäýmeseň başga näme diýersiň?..

Irdenki ýarym sagatlyk zarýadkasyny bu gün etmeli däl diýdi, kellesi ýeňleýänçä garaşany gowy. Günortanky naharynda her gün içýän bir bulgur çakyryny welin, içer. Şäherde ýaşaýan tanyş ermeniň üzümden ýasaýan gyzyl çakyryny, köp ýyl bäri satyn alýar. Rus telekanallarynyň birinden sisiliýaly ýaşulynyň aýdany ýadynda: elliden geçen adam her gün naharynyň gapdalyndan bir bulgurjyk gyzyl çakyr içse, onuň Ýokumyny ene süýdüniň çaga edýän Ýokumyna deňese bolar diýdi.
Birje nurafen içdi, bedenindäki kem-käs agyryny aýyrmaly. öň kellesi agyranda sitiramon içerdi, bir ýyl bäri nurafen içýär, ony çakyr satýan ermeni öwdi, diş agyra-da derman diýdi.
Ertirligini öňki işdäsi bilen iýmedi, çiggaýmak mädesine deger öýtdi. Bal bilen çaý içdi, derledi, bedenine ýakymly ýumşaklyk aralaşdy. Ýaran ussanyň diwaryň boýuna ýasan tekjelerine garady, tertipli goýlan kitaplar gussa iterdi. Bu ýer olaryň soňky orny bolsa gerek, bu tam Magtym ýalaňajyňam soňky mesgeni bolmaly. Men öler giderin, bu hazyna eýesiz galar diýdi. Gussadan dynyp bilmedi, kellesi gum dykylan ýaly asylyp dur. Urgudan husur galmagy-da ähtimal.
Kiçi ogly kyrk bäş ýaşa-da ýetenok. Ýokary bilimli rus dili mugallymy, uniwersiteti gutardy. Soňra SSSR dargady, rus diline it degdi, rus mekdeplerini ýapyp başladylar, rus dili döwlet dolanşygyndan galdy. Ogly öňdenem ussaçylyga höweslidi, indi ony mekdepde saklajak zerurlyk Ýok. Işden çykdy, Ýoldaşlary bilen brigada düzdi, hojalyklaryň jaýyny salýarlar, düşewütleri ganymat, maşyn edindi. Gelni obada başlangyç klasy okadýar, rus diline düşünýär, okap bilýär. Tekjedäki kitaplary okamaga olarda höwes bardyr diýip biljek däl. Agtyklaryna rus dili ýat, bu kitaplaram ýat. Prezidentyň ady bilen çykarylýan owadan daşly kitaplar esasan bezeg üçin ulanylýar, olar okalmalydyr hem öýdülenok. Bu köne kitaplarda olaryň gözi eglenmez, olar diňe atasyna gerekdir öýderler. Garry adamlara köne kitaplaryň gerekdigini geňlejek Ýok, asyl öýde ýeke kitap bolmanda-da onuň zerurlygy duýulmaz.
Göwnüne teselli berjek pursat gözledi, gezelenje çykmaga-da ýaýdandy, başy aýlanar öýdýär. özünde biraz gorkaklyk bardygyny-da duýýar, kesele öwrenişmedik adamlara mahsus

häsiýet.
Gussanyň soňy aýal doganynyň ykbalyna sepleşdi. Görgüsiýaman, maňlaýy gara doganym!.. Birden hamsygdy. Beýle ejizlän ýeri Ýokdy. Çarçuwa salnyp, diwardan asylgy surata seretdi, soňra has golaý baryp seretdi. Bu suraty aýal dogany ölenden soň asypdy, ökünçden dynaryn öýdüpdi, gaýta her sapar gözi kaklyşanda tiken batan dek ökünjiň awusyny duýýar.
Aýal doganyň şu suraty arzuwlap ölendir, sen oňa soň, ol pakyr ölenden soň düşündiň. Onuň arzuwy bu gün seniň ökünjiňe öwrüldi diýdi. Suratda aýal dogany uruşda wepat bolan adamsy bilen otyr, dirikäler düşürlen surat däl. Iki suraty montaž bilen birikdirip beripdiler. Aýal doganynyň döşünde medal bar, «Zähmetde edermenligi üçin» diýen medal, bu sylagyň berlenini Magtym ýalaňaç bilýär, sylag gowşurylanda aldyrylan surat. Adamsy ödäniň suraty öýde Ýokdy, aýal dogany suraty özi ýaly dul galan Nurbibilerde görüpdir. Nurbibiniň adamsy fronta gidende Ýoldaşlary bilen surata düşüpdir, öýlerine iberipdir. Suratda öde-de bar ekeni. Soltan şol köne suraty Nurbibilerden getirip, jigisi Magtym ýalaňaja görkezipdi, görkezeni bilen oňmandy, Nurbibiniň ýüwürjisiniň eden işinem aýdypdy. Aşgabatdaky suratçylaryň ýanyna baryp, gelnejemiň suraty bilen şu suratdaky agamy bir surata geçirip beriň diýipdir, diýişi ýaly edipdirler. Tamlarynda asylgy dur, bar-da göräý diýipdi. Görgüli dili bilen aýtmasa-da ýüregi bilen duýduran ekeni: Nurbibiniň ýüwürjisiniň edenini senem edäý diýen ekeni. Duýmandyr, Soltan ölenden soň duýdy. öz biperwaýlygyna-da ýeser düşündiriş tapypdy. Men ýetim, ene-atasyz ösdüm, neneňsi mähirli bolanda-da uýam olaryň ornuny tutup bilmez-ä. Hakyky maşgala üçin eje, kaka gerek. Olaryň mährinden, aladasyndan döreýän bütewilik maşgala agzalarynyň özara gaýymlygyny döredýär, birek-biregiň aladasy, mähri maşgala borjuna öwrülýär, Hakyky maşgalada ösmedik, terbiýelenmedik çaga şol borjy duýmakdan mahrum. Duýmaga ukyply merkez çaganyň beýnisinde ösüşden galýar ekeni. Muny meşhur akademigiň makalasyny okanda bildi. Akademik esasan çagalar öýünde ösen adamlaryň mysalynda gürrüň edýär. Bu aýratynlygyň näderejede özüne degişlidigini-de kesgitlejek bolmandy, diňe arkaýyn

bolmaga delil hökmünde kabul edipdi. Häzir pikir etdi, özüni köteklemäge höwes duýdy, biperwaýlygynyň çägini giňeltdi. Kakaň hakynda agyz dolduryp aýdara söz tapjakmy, onuň haçan, nirede ölendigini biljek bolduňmy, ýüz tutan ýeriň boldumy?.. Ýo-Ýok… Saňa mugallymçylyk uguryndan oka diýenem Soltan. Urşa gitmezinden öň kakamyz obada mugallymdy diýipdi, onuň adyna, kärine ee bol diýipdi.
Soltan seni ulaltdy, okatdy, il arasynda aýdylyşy ýaly, adam etdi. Seni ogul orunda gördi, sen oňa ygtybarly perzent bolup bildiňmi? Bu surat ýöne bir surat däl, naçar maşgalanyň ýetip bilmedik arzuwy! Sen düşünmediň, eliňden gelip duran aladany etmediň, muny biperwaýlykdan başga näme bilen düşündirjek?!
Sen Soltanyň serwi ýaly boýuna, syratyna, owadanlygyna, işjeňligine, gaýratyna guwanýardyň, şol bir mahalda-da bu guwanç onuň bagtsyzlygynyň derejesini beýgeldýän alamatdy. Jemgyýetiň muňa düşünesi gelmeýärdi. Uruşdan dolanmadyk ýanÝoldaşlarynyň ojagyny saklap, umytsyz oturan wepaly, gaýratly, zähmetsöýer gelinleri wasp edýärdiler, gül ömürlerini kül edip oturyşlaryny ýaş ýigitkä jeň meýdanynda janyny gurban eden gerçekleriň gahrymançylygyna deňeýärdiler, şeýle etmek bilen olaryň şahsy tragediýasyna ünsi artdyrmagyň zururlygy Ýok diýen many berilýärdi. Seniň doganyň Soltanam şol gelinleriň biridi. Seniň hem garaýyşyňda jemgyýetiň ülňüsinden çykmaly diýen niýet bolmandy. Ýyllar geçdi, urşuň ýitgisi Soltan ýalylaryň ýüzi gaýzygmajak ýarasy bolup galdy, töwerek olaryň derdini duýmagy kem-kemden unutdy.
Häzir Magtym ýalaňaç özüni duýmadyklaryň, has dogrusy, doňýürekleriň hataryna goşdy, özüni kötekläsi geldi. Soltanyň ýekeligini, ýalňyzlygyny duýmadyň, bolmaly ahwalatdyr öýtdüň, maňlaýyna ýazylandyr-da diýdiň, Ýogsam bolmasa, takdyryň hudaý tarapyndan bolýandygyna ynanyp ýören adam däl-ä sen! özüňe amatlysyny etdiň. Soltanyň derdini wagtynda duýan bolsadyň!.. Soltanyň gül ömrüniň kül bolmagynda ganym urşuň başa salan derdeserini gowy bilýärdiň, duýýardyň, ýöne ony tebigi betbagtlyk hökmünde kabul etdiň. Soltany aýralyk derdinden dyndaryp boljakdygy hakynda pikir etmek asla hyýalyňa-da gelmändi. Soltanyň görk-görmegi ýaş gelinlere gaýra dur

diýdirýärdi. Ilki uruş onuň bagtyny baglady, soň sen onuň bagtyny baglan ekeniň. Eger seniň aladaň, garamatyň onuň başyna düşmedik bolsady,.. hawa-hawa, eger sen bolmadyk bolsadyň, belki-de durmuşyny üýtgetmegiň hyýalyna düşerdi…
Saňa şäherden jaý berenlerinde göçermen bolduň, emma welin, Soltan, sen biz bilen gitjekmi diýen sowal seriňe gelmändi, onuň has aýylganç ýalňyzlyga uçurajagy hakynda oýlanmandyň. Uýaň tiz garrady, uzak ýaşamanam öldi, tarpa-taýyn diýdiler, hakykatda ýüregi dertlidi.
Pakyr ýalňyzlykdan ir öldi. Ol seni ýetimligiň derdeserinden dyndardy, sen ony ýalňyzlyk belasyndan dyndaryp bilmediň. Belanyň körügi uruşda diýmäge endik edilipdi, şol endige eýerenleriň biri-de sen, Magtym mugallym!.. Soňky ýüz berýän bet işleri özüň görüp, eşidip ýörsüň. Indi ol urşa watançylyk urşy diýmek islegsiz, metbugatda, habar beriş serişdelerinde gadaganlyk derejesine ýetirildi. Wepat bolanlaryň, olaryň ýagty ýadygärligini saklap ölenleriň ömrüni manysyz bir zada öwürdiler. Bu günki garaşsyz milli watanymyzy sowet watany diýlen düşünjeden arassalaň, nemes faşistleri biziň duşmanymyz däldi, oruslaryň duşmanydy diýýänler köpelýär. Sen olara garşy, garşydygyňy jemgyýete duýdurdyňmy? Ýekäniň çaňy çykmaz diýersiň, uýaň ykbaly bilen bagly biperwaýlygyň dowam edýär, boýnuňa al, Magtym mugallym!..

* * *

Üçünji gün daş çykanda Allaş bilen gabatlaşdy.
– Ýoldaş mollum, daşda-içde görünmediňiz-le, eýgilikmidir?
– Başym aýlanýan ýaly boldy durdy, howadanmy, nämemi… geläý, çykmaýyn-la diýdim.
– Upražneniýäňi edýänsiň-ä?
– Indi edibersemem boljak, ganymat.
– Ýagdaýyňyz bolsa-ha Aşyr ýegenlere baryp gaýtsak. Ortanjy ogly neresse boldy, gerreden gitdi, şu gün üçi.
– Molla-da bararmy, ýa-da geroinden ölenleri baýkot edip ýörmi?
– O sözüň-ä düşünmedim, ýöne molla jynazasyn-a durdy.

Magtym ýalaňaç ybaly eşiklerini geýip gitdi. Ýas ýerine baran adam oturanlar bilen görüşmelidi. Bu düzgün Magtym ýalaňaja ýaranok, ýas ýeri görme-görüşe barylýan ýer däl-ä! diýip jibrinýär, oňa gulak asýan Ýok. Ýagmyr molla diýse gulak asardylar, Ýagmyr molla diýmez. Häzir welin, Magtym ýalaňaç görüşmäge höwesekdi. Ýagmyr mollanyň gözlerine göni garap görüşjekdi. Garaýýşy bilen bir many berjekdi: gijeki jenaýat seniň eden işiň, bilinmeýändir öýtme!..
Görüşmegiň düzgüni bardy. öňi bilen düýpde, ýörite ýazylan ýumşak düşegiň üstünde oturan Ýagmyr molla bilen görüşmelidi. Molla Magtym ýalaňajyň gelenini görüp otyr. Magtym ýalaňaç bilen görüşmeli bolar, itden beter ýigrenýän-de bolsa, görüşmeli bolar, ýas ýeriniň düzgüni. Ony ünsüne almaýandygyny bildirmek gerek, şonuň sebäbine-de Magtym ýalaňaja seretmedi, onuň yzyndan gelýän Allaşa üns berdi. Şujagaz etmişi bilen molla säwlik goýberdi, gijeki jenaýata şäriklidigini duýdurdy, säwlik goýberenini bilenok, ýa-da Magtym ýalaňaç hiç zat bilmeýändir öýdýär. Ol soňam Magtym ýalaňajyň oturan tarapyna seretmän, aýbyny has-da äşgär etdi. Seredip bilmez, seretse Magtym ýalaňaç garaýýşy bilen birgiden zat aýtjakdy: hä-ä, molla, menden çekinýärmiň, menden gorkaýdyňmy! diýjekdi. Magtym ýalaňajyň aýagyňdan arza ýazjak diýenine ynanaýdyňmy? Oňa töhmet diýip düşünen dälsiň, töhmet däldigini tapçanda ýüzüňe aýdanda bilensiň, gorkanyň şonuň üçin. Bilip goý, molla, Magtym mugallymyň ýigreneni adamyň arkasyndan arza ýazmakdyr. Bu ýigrenjiň döremeginiň taryhy sebäbi bar, isleseň ony-da aýdyp biljek. Otuzynjy ýyllarda Staliniň tutha-tutlugynda birek-biregiň aýagyndan töhmet etmekde biz SSSR-iň beýleki ýerlerinden öňe saýlanypdyrys, basylanlaryň, Ýok edilenleriň adam başyna düşýän sany-da köp bolupdyr. Eger Magtym mugallymyň dogruçyllygyna töhmet diýip düşünen bolsaň, bu seniň aýbyň…
Ol garaýýşy bilen munça pikiri ýetirip bolmajagyny bilýär, öz ýanyndan gaýtalasa, Ýagmyr molla aňar öýdýär, häzir onuň ähli ünsi Magtym ýalaňaçda. Okaýan aýatyna-da üns berenok, dili endik eden sözleri gaýtalaýar. Ol aladaly, ol çekinýär. Häzir köpüň oturan ýerinde Magtym ýalaňaç gijeki wakany aýdar

diýilse-de ol Ýok diýmez.
öz ýanyndan molla berip gaýdan suratyny düşündirdi. Suratdaky çagaly oturan aýal seniň aldawa salan aýalyň. Çagany senden dogrupdy. Ol mahal sen dälihananyň hojalyk işini alyp barýardyň, saňa zawhoz diýerdiler. Aýalyň milleti tatar, dälihananyň medsestrasydy, häzir şypagat uýasy diýilýär. Heleýimi kowjak, seni nikalap aljak diýip, ant içip, awy ýalap, pakyry Ýorganyňa salypsyň, göwreli edipsiň. Çagany aýrytjak diýende hä diýmänsiň. Çaganyň ölümi üçin Allanyň öňünde ýazykly bolmakdan gorkduňmy? Gylyç ahunyň agtygydygy ýadyňa düşäýdimi? Çaga dünýä inýär, ony ejesiniň familiýasyna ýazýarlar. Garaşyň, heleýimden aýrylyşýançam garaşyň diýip, çagaň ejesine-de, mamasyna-da ýalbaryp gezipsiň. Ilkiler az-owlak pul kömeginem emleýän ekeniň, soňabaka olary unudypsyň. Bu ahwalaty maňa çagaň mamasy gürrüň berdi, meniň işlän mekdebimde tam süpürýärdi, görgüli iki ýyllykda öldi. Seniň molla bolanyňy bilende, çagaň ejesi ykbalynyň keç bolandygyna ynanýar, saňa çäre tapmajagyny bilýär. Sen ogluňdan ýüz öwrüpsiň…
Gapdalda oturan tirsegi bilen Magtym ýalaňajyň böwrüne kakdy, aýat okalýar, eliňi galdyr diýdigi. Mollanyň sesinden ahmyrly adamyň ökünjini duýdy. Magtym ýalaňajyň ölmän galanyna gynanýany açyk. Her gün ony görende etmişi bilen ýüzbe-ýüz bolmak molla aňsat düşmez. Magtym ýalaňajyň seni bu dertden sypdyrmajagyny bilip goý, Ýagmyr molla. Seniň barjak ýeriňe bararyn, edil çat maňlaýyňda oturaryn, göni iki garagyňa serederin!.. Eger ynsabyň bar bolsa, etmişiň jeza bolup, boýnuňdan asylmaly!..
Ýas ýerinden ýene Allaş bilen gaýtdy.
– Begli baranda Ýagmyr mollanyň aýat okap berenin-ä gördüň.
– Gördüm.
– Mollanyň ýerinde men bolsadym, aýat okap bermezdim.
– Başga birine okap ber diýerdi-dä.
– Başga birem okap bermezdi. Aýat okaman, saňa nälet okamaly diýerdim. Aşyr ýegeniň ogly seniň geroiniňden öldi diýerdim, sen janalgyç, sen zäher paýlaýan, zäheri pula satýan haramzada diýerdim.

– Begli diýilýän adama näme diýseň bärden gaýdýa.
– Näme sebäbe diýemzok, menem diýemok, senem diýeňok, beýemçi bolsaňam, diýeňok! Molla-da diýenok!
– Äý, biz şeýle-dä,.. diýemzok-da.
– Atalyň uly ogly… ady nämedi?
– Kakaly.
– Hawa-da, biri Ataly, beýlekisi Kakaly, men ýaly ýetimi, ýalaňajy Ýok. Kakaly diýeniň welaýatda işleýär, bilýänsiň.
– Belet.
– Neşä garşy göreşmeli gullugyň başlygynyň orunbasary, şonam bilýäňmi?
– Eşitdim.
– öň milisiýada işläpdi, soň KGB-ä geçdi. Şäherde döwlet jaýynda dört otagly kwartirasy bar, bilýärmiň?
– Umuman, belet.
– Onda ýaşanok, firmada işleýän türklere kireýine berýär.
– Ine, mundan habarym Ýok.
– Şäheriň eteginden ýer aldy, on otagly tam saldyrdy, baryp görenler köşk diýdiler. Obada saldyran jaýynam görensiň?
– Jaý toýuna bile bardyk dälmi?
– Ýalan sözleme, men o pisint adamlaň toýuna barýan däldirin.
– Obadaky jaýam şäherdäkisinden uly bolmasa, kiçi däl.
Magtym ýalaňaç janygdy:
– Begliň obada aç-açan geroin satyp oturanyny Ataly baýyň ogly Kakaly baý bilýän däldir diýjekmi, Allaş beýemçi!?
– Heý, bilmezmi! Ony obaň ýumruk ýaly çagasyna çenli bilýär.
– Ýumruk ýaly çagalara-da ýaňky ölüm garaşýar.–Magtym ýalaňaç gussa batdy.–Atalynyň ogly satdyrýandyr diýseler… ele salnan geroini satdyrýar diýseler, ynanaý… Şeýdip, tutulyp, türmä giderler bar-a!.. Kakaly ele düşenok, düşmezem, ugur tapýar diýseler ynanjakmy?
– Äý, meni gepletjek bolmasana, Ýoldaş mollum.
– Geplemejegiň çyn bolsa, sowul, öe baraly.
– Sowul diýme, Ýoldaş mollum, ýas ýerinden gaýtdyk, göni öe baraýyn.
– Men yryma ynanýan adam däl, ýör, ýör… Otur diýmäýin, öýümde birgiden gürrüňdeşim, söhbetdeşim bar, şolary gör-de gaýdyber,

ýör,..

* * *

Jaýdaky üýtgeşme bada-bat Allaşyň gözüne ildi.
– Ýaran ussa ýasap berdi, agajynam özi getirdi, ýeke şaýy pul berme, begenseň bolýar diýdi.–Magtym mugallym begenjini göz edip, täze tekjeleri, goýlan kitaplary sypady.–Sen gürrüňdeşlerim diýsem, adam görerin öýdensiň, Ýo-Ýok, söhbetdeş diýenim şu kitaplar. Her ugurdan, her ylymdan bar, aglaba rus dilinde. Kitap adamdan parhly, öýke-kine, tekepbirlik Ýok bularda. Şu kitaplary ýazan adamlar bir ýere ýygnaldy hasap edäý, seret, hersi maňa ýazan kitabyny hödürleýär, al, oka, many al diýýär. Okaýan, ýazan adamy tanamok, kitaby meniň üçin onuň ýüz keşbine öwrülýär, ine, seniň bilen oturyşymyz ýaly ýüzbe-ýüz oturyp, onuň sözüni diňleýärin, bitiren işini gözüm bilen görýän, akylymyň ýetdiginden manysyny ölçerýän, sarpa goýýan, üns berip oka, bir adam zehin siňdirip, munça zähmet çekipdir diýýärin. Kitabyň artykmaç ýeri şunda, amatly ýeri şunda diý. Soňky döwürde, kitap Ýok bolup gitmeli diýýänler köpeldi, kitabyň ornuny internet eýeleýär diýýärler. Sen internetiň nämedigini bilýän dälsiň.
– Weý, bilýän, Ýoldaş mollum! Ataly başlygyň gapysynda oturan owadan gelin görkezdi, mellege arza berenleň ady şu ýerde ýazylgy dur diýdi.
– Ol internet däl, sen kompýuteri görensiň. Oba internet ýaýranok, bu golaýda ýaýraram öýdemok, internetden gorkulary az däl. Hiç mahal internet kitabyň ornuny tutup bilmez.
– Äý, şu zamanda pylan zat bolmaz diýmäň, Ýoldaş mollum. El tilpuny ýaýrady welin, haýran galaýmaly, öý tilpunlaryna it degdi. Ýaş-ýuwşy aýdyp oturmaly, indi heleýler goňşusyna çykman, el tilpunlaryndan gybat urýalar.
– Kitaby internete salyp bolýar, okaber diýýärler. Kitaby görmeseň, sahypasyny eliň bilen elin açmasaň, agramlap bilmeseň göwnüňe jaý däl. Telefonda gürleşýän adamyň sesini eşidýärsiň, ýüzüni göreňok, ýüzi görünse, aýdýan sözüni

başgaça kabul edersiň, çyn sözleýärmi, ýalan sözleýärmi, adamyň ýüzünden-gözünden aňsa bolýar. Eliňdäki kitabyň sahypasyna-da gepleýän adamyň ýüzi diý-de düşünäý. Ine, şu tekjelere iki ýüz kitap goýdum, iki ýüz adam otyr diý-de düşünäý… Oturgyja geç,.. geç-geç!.. Şu uly kitaplary görýärmiň—Ýanaşyk goýlan bäş kitaby ýekän-ekän elledi.—Şulary şäher mekdebinde elli ýyl işlän mugallym gadyr edip maňa goýup gitdi. Ysraýyla göçdi. Kitaplaryny alyp gitmäge rugsat berlenok diýipdirler, tanyş-bilşine paýlady, ýeter-etmezine satdy. Göwrämiň ýarysyny ýitiren ýaly boldum diýdi—Uly kitaby sogrup aldy.—Aýdan sözi bar, neme diýdi: taryh ylym hökmünde agalyk edýän gatlagy öwmek, aklamak üçin ýaşaýandyr diýdi, akylly taryhçynyň pikirini aýdýaryn diýdi, şu kitaba ýazylan ekeni. Sen mekdepde okaňda Lenin, Stalin hakynda öwgüden başga söz eşiden dälsiň.

— Ýaman söz aýtmaga kimiň gaýraty çatjak.

— Şu sözüň akylly taryhçy diýlen adamyň aýdanynyň dogrudygyny görkezýär.

— Ýoldaş mollum, ony diýseň häzir Leninem, Stalinem ýepbekläp ýörler.

— Olaryň agalyk eden gatlagy gitdi, ýöne ýepbekleýänleriň aýdýan sözlerem entek çyn taryh däl, çyn taryh başgarak, ony ýazmagam, okatmagam howply, häzirem howply. Şu kitapda ýewreýleriň taryhy ýazylan. Ýewreýler bäş müň ýylyň dowamynda hemişe jan gerekmi—pyçak ýagdaýda ýaşan halk.

— Häzirem araplar bilen ganda—pyçak.

— Bir ýewree bäş müň, on müň duşman ýetýär, şonda-da Ýok edip bilenoklar, çydamy zor, dini zor, bilimi zor. Bizde-de söz bar: «güýji bolan birini ýykar, ylymy bolan müňüni ýykar». Diýipdirler, akyl edipdirler, ýöne, diýdigiň etdigiň däl, etmegi başarmandyrys. Ýewreýleriň başarnygyny ýewreýleriň taryhy tassyk edýär. Dini ynanjynyň, biliminiň zordugyny dünýä bilýär. Haýsysyny bijebaş etjegiňi bilmersiň. Dinini bilim derejesine, bilimi din derejesine götermegi başaran halk. Dinini Ýok etmeseň ýewreýi Ýok edip bolmajagyna Rim imperiýasy iki müň ýyl ozal düşündi. Paýtagty Iýerusalimdäki baş ybadathanasyny ýykdylar, ýewreýleriň Käbesini ýykdylar diý-de

düşünäý, şonda-da ýewreýi hudaýyndan, dininden aýryp bilmediler, aýyrmaga beýlede dursun, gaýta berkedi, her öýi ybadathana öwürdi. Rim imperiýasy ýykyldy, SSSR-denem uly imperiýady, ýykyldy, ýewreýler galdy.
— Äý, men bi aýdýanlaňňa düşünemok, Ýoldaş mollum.
— özüm üçin aýdýan, özümem aňyrsyna-bärsine akyl ýetirerden ejiz. Heý, dünýäni ýewreýsiz göz öňüne getirip biljekmi!? Ýok! Taryham şonuň ýaly. Ýewreýleriň taryhy dünýäň taryhy diýip, şu kitaby ýazan adam aýdýar.
— Ýewreýleň taryhynyň nähili bolandygyndan men bihabar, Ýoldaş mollum. Ýöne ýewreýiň hyýtyr bolýandygyn-a aýdyp biljek.
— Şony menem aýtjak. Bir rus ýazyjysynyň eserinde seniň hyýtyrlyk diýýäniň, oňa mekirlik diýäýeli, maýda pula meňzedilýär, maýda pula köp haryt alyp bolanok. Ýewreýleriň hyýtyrlygy maýda pul bilen ölçärden aňyrda, million diý, milliard diý! Soňky mahal kelläme bir pikir gelýär, şoňa özümem ynanyp barýan. Göçüp giden ýewreý mugallyma-da aýtmaga çekindim, üstümden güler öýtdüm, meni on ýyl okadyp biljek adam. Çynymy aýdýan. Saňa aýtmakdan çekinemok, sen taryhdan hiç zat bileňok, ýalňyşýarsyň diýjek gümanyň Ýok, ho-hoh… Düşünmeseňem diňle, maňa-da aňsat, Ýogsa, pikiriňi içiňe salyp ýörmek, ha-alys ýadadýar, birine aýtsaň, gasygyň boşan ýaly bolaýýar.
Allaş güldi.
— Eşegiň gulagyna ýasyn okan ýaly bolaýmasa diý, Ýoldaş mollum.
— Meniň diýjek zadym: az sanlyja ýewreý halky dünýäni eýelän Rim imperiýasyny ýykmagy başardy diýjek.
— Diýiber, Ýoldaş mollum, Ýok diýmen.
— Ýarag bilen ýykandyr öýtme, ol zaman ýewreýlerde atom bomba Ýokdy, häzir bar. Amerika-da, SSSR-e-de atom bombany ýasap beren ýewreýler-ä! Ol mahalyň ýaragy gylyç bilen naýza. Ýewreýler sapan atmaga-da ökde ekeniler. Bolanda näme diý, ýarag tutup, bäş sany ýewreýiň aljak galasy Ýok. Ýewreýler akyl bilen aldylar, emel tapdylar, has takygy, täze bir din tapdylar, şol din bilenem Rim imperiýasyny ýykdylar diýjek, men diýýän, başga bir ýerde okadym diýsem ýalançy, öz kelläme

gelen pikir. Hristian dinini döretdiler. Tutuş Ýewropanyň, Amerikanyň dini, ruslaryň, ermenileriň, grekleriň dini. Awstraliýada-da şol din, Afrikanyňam ýarysy şol dine ynanýar. Şol dini iki müň ýyl ozal döredenler ýewreýler. Hudaýyň ady Iisus Hristos, musulmanlar oňa Isa pygamber diýýärler, hudaý hasap edilenok. Iisus Hristosy dogran aýalyň ady Mariýa, musulmanlar Bibi Merem diýýär, ýewreý aýal. Bu aýdanlarym Töwratda, Injilde, Gurhanda ýazylan. Seniň aýdyşyň ýaly, indi ýewreýleriň hyýtyrlygyna seret!.. Iisus Hristosy özlerine hudaý edinmediler, rimliler onuň elini-aýagyny çüýläp, haçdan asanlarynda boşadyň diýmediler, ölsün diýdiler, hemaýat etdiler. Ýewreýler öňki hudaýy bilen galdylar. Hudaýlaryndan ýüz öwren bolsadylar, ýewreýler bu günlere ýetmezdiler, hristian dinini alan köplügiň arasynda ýiter giderdiler, şeýle boljagyna düşünýärdiler, ine, olaryň akyllylygy!.. Täze hudaý, täze din Rim imperiýasyny ýykmak üçin gerekdi. Diýenleri boldy, Rim imperiýasy hristianlaryň dini ynanjyndan dörän birligiň, gaýymlygyň öňünde çagşady. Rimlileriň köp hudaýy bardy, butparazlardy, hristianlar bir hudaýa ynandylar. Ol hudaýa kim diýdik? Ýeýreý aýal Mariýadan dogan Iisus Hristos diýdik. Rim imperiýasynyň ýaýrawyny biljek bolsaň, sen SSSR-i göz öňüne getir, üstüne sosialistik ýurtlaram goş. Şol möçberdäki äpet imperiýany ýykmagy başaran az sanlyja ýewreý halkyna neneň haýran galmajak!.. Bir serhede baglanyp oturmanam beýik halk bolmagyň mümkindigini ýewreýler adamzada görkezip bildiler. Eýse, Sowet Soýuzyny türkmenler ýykyp bilermidi?–Allaş jogaba derek uludan güldi.–Seniň gülküň beren sowalyma ýeser jogap. Ýewreýler ýarag bilen urmadylar, kelle bilen urdular, akyl bilen urdular!.. Saňa aýdyşym ýaly, ýewreý mugallyma-da aýdaýan bolsadym… Rim imperiýasynyň zorlugy, zulumy bolmasady, ýewreýler hristian dinini döretmezdiler diýmelidim, diýmedim, çekindim. Ýewreýleriň taryhy indi saňa galdymy diýer öýtdüm, utandyrar öýtdüm. Türkmenbaşyňyzyň ady bilen Ruhnama ýazdyňyz, şony okaň-da geziberiň, dünýä taryhyna akyl ýetirjek bolup arrygyňyzy gynamaň diýer öýtdüm. Belki, aýtman akyl edendirin?.. Iki müň ýyl ozalky taryha ýüzlenip oturmagyň geregi Ýok, edil soňky döwrüň taryhyna sered-ä! Rus

patyşasyny ýewreýler ýykmadymy?! Leniniň ata ugury ýeýreý, ähli egindeşi ýewreý. Olaryň mugallymy Marksdy, Engelsdi, olar kim? Ýewreý! Olary senem bilýäň-ä.
— Atlary dakylan kolhozlara-da belet.
Magtym ýalaňajyň ünsi ýene elindäki kitaba gönügdi.
— Şu kitapda Rim imperiýasyny hytaýlar ýykdy diýlip ýazylan ýerem bar.
— Bäh!.. Hytaý şo mahalam barmy-daý?! Ähli gazymyzy mugt aljaklar diýip, geň görmeli däl-dä?
— Uzak Gündogarda gun taýpalary ýaşan. Bir müň sekiz ýüz ozal hytaýlylar gunlary Gündogardan gysyp çykarýarlar, sizden halys irdik, bu jelegaýda görünmäň diýdiler. Gunlar çarwa, hytaýlylar çomur, çarwa bilen çomur taryhyň dowamynda itde-pişik bolup ýaşadylar. Gunlar kim diýsem bilmersiň.
— Bilemok.
— Oguz hanyň ogly Gün handan dörän halk diýsem hä diýersiň.
— Eşidýän, telewizordanam, radiýadanam eşidýän, gazetde-de atly suratyny görýän, ýöne okadym diýsem ýalan sözledigim, täze harpy bilemok. Ruhnamanam okan adam däl, Ruhnamany okuwçylar okaýa.
— Kim okasa-da ol ýerde hakyky, çyn taryhyň gürrüňi edilenok, rowaýat şekilli gürrüňler.
— Rowaýat diýýäniňiz ertekidir-dä?
— Erteki bilen taryhyň aralygyndaky bir zat. Soňky ýyllar eşidýänimiz kileň rowaýat, eşide-eşide, halys adamlaryň gulak eti gurady.
— Bi diýeniňe hä diýjek, Ýoldaş mollum.
Magtym mugallym janygyp dowam etdi:
— Dünýä taryhyna barlanan, ylmyň ykrar eden taryhy girýär. Ynha, men gunlary agzadym, gunlary dünýä taryhy ykrar edýär. Çarwa halk bolandygy-da belli, Ýewropa aralaşandygy-da belli, Rim imperiýasyna zarba urandyklary-da belli. Dünýä taryhyna ady düşen serdary bar, Atilla diýýärler. Gylyjyndan gan damyp duran galtaman, basybalyjy diýip, Ýewropanyň taryhçylary ýazypdyr. Ol hakynda aýdylmadyk-ýazylmadyk söz galmady: wagşy diýdiler, pohunyň üstüne agynap ýatan haýwana meňzetdiler. Daş sypaty gorkunç: pes boýly, döşi ýasy, kellesi gazan ýaly,

gözleri ýarydan deşilen ýaly, köse sakgal, burny paşyk, bedroý bolupdyr diýen ýazgy bar. Kimem bolsa, haýsy döwürde ýaşany belli, haýsy ýylda öleni belli. Talaň salan ýurtlary, ýykyp-ýumran galalary belli. Dört ýüz elli ikinji ýylda Rim papasy kerwen ýüki gyzyl bilen Atillanyň huzuryna barýar, Rimi halas edýär, taladanok. Rim papasy diýen adamyň kimdigini bilýärmiň?!

— Bilemok.

— Hristian hudaýynyň ýerdäki dikmesi, dünýäniň ýarsyna erkini ýetiren adam! Şol adam Atillanyň öňünde tagzym edýär. Atilla gyzyldan ýasalan tagtda otursa-da guran galasy, saldyran şäheri, edara eden belli döwleti Ýok. Bolan bolsady, Ýewropanyň taryhyna düşerdi, düşmändir, ýumurmaga welin, ökde ekeni.

— Hä-ä, ine, bi aýdanyň Türkmenbaşyň etmişine gabat gelýär.

— Tapawutly ýeri, Türkmenbaşy ýurduň içini ýumurdy. Bize meňzeş ýerleri bar, diňle, onam aýtjak. Gunlarda «watan» diýen düşünje bolmandyr, dogan ýerinde ýaşap, dogan ýerinde ölmändirler, «gonanyny gol, göçenini Ýol biler» diýleni bolýar. Türkmenlerde «dogduk depäm» diýen söz bar. Şol aňlatmany gunlara-da ýöňkese boljak. Biz «watan» diýýäris, şol söz biziň dilimizde bolmandyr, arap dilinden geçen söz. «Ýurt» diýýäris, mongollardan galan söz. Häzir «diýar» sözi ýörgünli, ol sözem parslaryňky. Türkmeniň öz sözi bolmanmy diýersiň? «Dogduk depe» diýipdirler, «towşana dogduk depe» diýilýär. Biz towşan däl-ä! Nätjek, başga aňladara söz Ýok. Seniň okamok diýýän «Ruhnamaňda» türkmeniň bäş müň ýyla uzap gidýän taryhy bar diýip magtanylýar, watany aňladýan sözi Ýok, ho-hoh… Näme sebäbe bolmandyr? Ine, çyn taryhy ýazjaklaryň kelle döwmeli ýeri! Bize, meniň ýaly taryhy okadýan mugallymlara Türkmenbaşynyň mukaddes «Ruhnamasynyndaky» rowaýatlary düşündiriň diýdiler. Oguz hana türkmen diýmeli, Gün hana türkmen diýmeli. Dünýä taryhynda Oguz han, Gün han diýen at Ýok, şol atlary göteren taryhy şahslar Ýok.

— Weý, daýhan birleşiklere olaň ady dakyldy.

— At dakyp, rowaýaty çyn taryha öwrüp bolmaýar.

— Jähennem-laý, Ýoldaş mollum, janyňy ýakmasana, at hiç-le, bi

gün dakarlar, ertir aýrarlar. Kolhozyň adyny bäş öwre çalyşmadylarmy näme!
– Ýok, alty öwre.
– Men öz bilýänimi aýdýan. Çalşanlary owarram, kolhozy dargatmaly däldi, meň janymyň ýanýan ýeri şol! SSSR döwründe bir kolhozda häzirki etraplaryň birindäkiden köp tehnika bardy! Garaşsyz bolup, gazananymyz şü diýilse, gülki däl-maý?!
– Biziň başga-da bir gazananymyz bar. Lenin obalary şäher bilen deňleşdirmeli diýdi, ýetişmediler, biz welin, tersine, sähelçe ýylyň dowamynda şäherleri oba bilen deňleşdirmegi başardyk… Tutuş ýurda Oguz hanyň adyny daksynlar, Oguzystan diýsinler, men ol taryhy hakykat diýip okadyp biljek däl.–Magtym mugallym başyny asyp dymsa-da geplemän oturjak adama meňzänok, gaharyny çykarmasa rahatlanmaz. Jany ýanan hudaýyna gargar diýseň-ä has çökder bolar, gaňňadan agdarlanyň eşege gargaýyşyna meňzär diýilse, ýerine düşer. Ol göze görünmeýän adamlara sesini ýetirjek bolýan äheňde dowam etdi.–Indi, gel-gel, Atillany özümize beýik serkerde edinjek bolýarys! «Köpürde götüň galtaşdymy» diýen sözi ýatladasym gelýär. Dogry-da! Bir müň alty ýüz ýyl ozal Ýewropany talan, ýurt tutunmadyk, ahyr soňunda-da zora ýanap, Ýorganyna salnan gyzyň hanjaryndan ölen adamyň bize nireden dahyly bolýarmyş?! Rowaýatlara dahylsyz, çyn taryhymyz bar, şol ýerde çynar ýaly köküni uran gerçeklerimiz bar!.. Men şolary höwes bilen okadyp biljek. Magtymgulyny okadyp biljek, beýik taryhy şahsdygyny-da subut edip biljek. Ilkinji bolup türkmeniň halk dilinde ajaýyp goşgular ýazdy, edebi dili döretdi, türkmeni tutuş bir halk derejesine göterdi. Gaýgysyz Atabaýewi okadyp biljek, beýik döwlet işgäri bolandygyny subut edip biljek. Watan diýip atlandyrmaga mynasyp döwletiň serhedini çekip berdi, ykrar etdirdi, şol serhet bilenem bu gün dünýä kartasyna girdik, özbaşdak döwlet bolduk. Döwleti nähili edara etmeli? Bu meselede-de Atabaýewiň sapaklary az däl. Salgyma çapyň diýmedi. Güneşiň ýylysyna salgym syrylyp, Ýok bolup gidýär, gözetim görünýär. Gözetime nähili ýetmelidigini salgy beren adam, oňa ylym-bilim bilen ýetip bolar diýen adam…–Magtym mugallym kitaby ýerinde goýdy.–Bu kitaplar meni ýalňyzlyk

derdinden halas edýän derman diýsem düşünjekmi sen!.. Bulary indi kim okajak, kim saklajak?! Täze ösdürimler bularyň harpyna-da, hatyna-da, diline-de düşünjek däller… Bu kitaplaryň ykbaly ýetimligimi ýatladýar, bu gün bulara-da ýetim diýse boljak, zyňylan idegsiz ýetimler!.. Meni Soltan ýygnapdy, bulary men ýygnadym, men ölsem?..

Ol hamsygdy, kitaplara maňlaýyny diräp, sessiz aglady, eginleri silkindi.

– Ýoldaş mollum, weý, hapa bolmaň, hudaýa şükür, ylymly-bilimli ogullaň, gelinleň, agtyklaň bar, eýelik ederler.

– Geýilmeýän geýimiň gymmaty bilnenok.

– Bi diýeniň dogry.

– Dogry bolsa, okalmaýan kitabam geýilmeýän geýime deňäý.– Başyny silkip daýandy, penjireden daşary garap oturdy.– Men ýewreýleriň gürrüňini etdim…

– Gulak asyp, üns berip diňledim, Ýoldaş mollum, ýöne welin, aýdanyňyzyň köpüsine düşünmedim.

– Düşünmändigiň maňa geň däl, ýewreýlere özümem düşünip baramok. Ýewreýleri halas eden gudratyň nämedigini aňjak bolýan, bilýän diýemok, aňjak bolýan… Olar hudaýyny çalyşmadylar, agyr hupbatlar, agyr belalar başlaryndan indi, olary öz hudaýlaryna üýtgewsiz ynanç bilen ýeňdiler, häzirem şeýle edýärler. Allaş, men dinhor adam däl, Ýagmyr mollanyň aýdyşy ýaly hudaýsyzam däl. Ýagmyr molla meni ýigrenýändigini gizlejek bolanok, sen belet. Çyn molla hudaýyň bendesini ýigrenmeli däldir, bendesiniň günäsini ýigrenmelidir. Mollalaram adam, hudaýyň bendesi, olaram günäden halas däl. Ine, sen şu ýerde günä iş etdiň diýip gör, o-ho-ow!.. depäňden gorsaw bolup iner. Sen hudaýsyz diýer, imansyz diýer. özüne bolan garaýyşy hudaýa bolan garaýyş bilen deň tutar… Gurhanda şeýle bolmaly diýip ýazylan ýeri Ýok.

– Dogry aýdýaňyz diýäýsemem boljak, Ýoldaş mollum, ýöne welin, näme, bi zatlaň düýbüne ýetmäge akyl gerek, maňa kemterlik edýän ýeri-dä şol.

– Meniň din meselesine garaýyşym başgarak. Dinde gudrat bar diýilse-de, din adalat ölçegi bolup bilmez. Din–ynanç, bir adam ýüreginden ynanar, beýleki biri azrak ynanar, ýene biri

ynanmaz. Adamy zora ýanap ynandyrjak bolnanda adalatsyzlyk ýüz berýär. Şol adalatsyzlyk, zorluk hudaýyň ady bilen aklanjak bolunan ýagdaýynda düne düzelmez, rahatlyk bolmaz…
Magtym mugallym daşary garap dymdy oturdy, Allaşyň bardygyny-da unudan ýalydy. Diwardaky sagadyň sekunt sanaýan sesi eşidilýärdi.
– Sagadyň sesi gulagyňa ilýärmi?
– Hawa-la.
– Eşideňde nähili pikir kelläňe gelýär, ine, häzir…
– Sagat işleýä, wagt pylança bolupdyr diýäýmesem, üýtgeşik bir pikir kelläme gelýä diýip biljek däl, Ýoldaş mollum.
– öň menem şeýledir öýderdim, wagt hemmä deň ýalydy. Indi sagat diňe meniň galanja ömrümiň sekuntlaryny ölçäp duran ýaly… Bar, gaýdyber, seni eglemäýin, işiň bilen bol.
Allaş gören ahwalatyny hiç kime aýtmady, aýtmak üçin gulagyna ilen sözleriň manysyna ýetmelidi, Allaşa ýetmedi. Many paýhasa ornaman pytrady gitdi. Eger gözüniň görenini aýdaýyn diýse-de, Magtym ýalaňaç akylyndan azaşypdyr diýilmegi ähtimal. Ýeser ýeri, Allaşyň özi-de şu pikirden daşda däl. Romanlar